TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– BIZIŇ ESASY WEZIPÄMIZ HALKYMYZYŇ ÝAŞAÝYŞ-DURMUŞ DEREJESINI HAS-DA GOWULANDYRMAKDAN YBARATDYR.

NESIL

IL-HALKYŇ BIR IŞ TUTSA, SEN ONDAN GALYJY BOLMA!

ESASLANDYRYJYSY – TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

№46 (5029), 2025-nji ÝYLYŇ 10-njy IÝUNY, SIŞENBE



# WATANYMYZYŇ ASUDALYGY – JEMGYÝETIMIZIŇ BERKARARLYGY

*Döwletiň berkararlygy, jemgyýetiň asudalygy we ýurduň durnukly ösüşi kanunylygyň höküm sürmegindedir, adam hukuklarynyň hem-de azatlyklarynyň goraglylygynyň berkligindedir. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedowyň 5-nji iýunda geçiren Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň nobatdaky mejlisinde ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralary tarapyndan şu ýylyň ýanwar – maý aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijelerine seredildi. Şeýle hem mejlisiň gün tertibine Garaşsyz Watanymyzda howpsuzlygy we parahatçylygy üpjün etmek, harby we hukuk goraýjy edaralaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, olaryň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmek bilen bagly meseleler girizildi.*

Ilki bilen, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri hasabat döwründe ýurdumyzyň goranyş ukybyny berkitmek, harby gullukçylaryň gulluk we ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak, ýolbaşçylyk edýän düzümlerinde sanly ulgamy ornaşdyrmak boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi. Şunuň bilen birlikde, harby gulluga nobatdaky çagyrylyşyň barşy, harby gullukçylary watançylyk ruhunda terbiýelemek boýunça guralýan çäreler barada aýdyldy. Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Milli goşuny maksatnamalaýyn esasda döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işleri hemişe üns merkezinde saklamagyň möhümdigini belledi. Şeýle hem hormatly Prezidentimiz Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministrine harby gullukçylaryň maddy we ýaşaýyş-durmuş üpjünçiligini gowulandyrmak boýunça alnyp barylýan işleri dowam etmegi tabşyrdy.

Soňra Baş prokuror, içeri işler ministri, Ýokary kazyýetiň başlygy, milli howpsuzlyk ministri gözegçilik edýän düzümleri tarapyndan şu ýylyň bäş aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdiler. Döwlet serhet gullugynyň başlygynyň, adalat ministriniň, Döwlet gümrük we migrasiýa gulluklarynyň başlyklarynyň hasabatlarynyň özenini hem 2025-nji ýylyň ýanwar – maý aýlarynda ýolbaşçylyk edýän düzümleri tarapyndan ýerine ýetirilen işleriň netijeleri baradaky maglumatlar düzdi.

Döwlet Baştutanymyz Kanunlaryň we Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň ýerine ýetirilmegi boýunça alnyp barylýan işleri mundan beýläk-de dowam etmäge, hukuk düzgün-tertibini berkitmäge, düzgün bozulmalaryň öňüni almaga aýratyn üns bermegiň zerurdygyny belledi hem-de bu babatda Baş prokurora birnäçe tabşyryklary berdi. Içeri işler ministrine ýurdumyzda jemgyýetçilik düzgün-tertibini üpjün etmek we hukuk bozulmalarynyň öňüni almak boýunça alnyp barylýan işleri netijeli dowam etmek tabşyryldy.

Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň nobatdaky mejlisiniň barşynda milli kanunçylyga laýyklykda, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak boýunça alnyp barylýan işleri dowam etmegiň, kazylaryň hünär taýýarlygyny yzygiderli ýokarlandyrmagy hemişe üns merkezinde saklamagyň zerurdygy aýdyldy hem-de Ýokary kazyýetiň ýolbaşçysyna bu babatda degişli tabşyryklar berildi. Şunuň bilen birlikde, milli howpsuzlyk ministrine ýurdumyzyň howpsuzlygyny üpjün etmäge gönükdirilen işleri mundan beýläk-de netijeli dowam etmek tabşyryldy. Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy ýurdumyzyň serhediniň dost-doganlygyň, hoşniýetli goňşuçylygyň serhedidigini aýdyp, onuň goragyny üpjün etmek, şeýle hem ýokary hünärli harby gullukçylary taýýarlamak boýunça işleri dowam etmegiň möhümdigine ünsi çekdi we şunuň bilen baglylykda, degişli ýolbaşça birnäçe anyk görkezmeleri berdi.

Hormatly Prezidentimiz adalat ministrine ýurdumyzy ösdürmäge gönükdirilen kanunçylyk namalaryny işläp taýýarlamak boýunça ýerine ýetirilýän işleri mundan beýläk-de dowam etmegi tabşyrdy. Gümrük nokatlarynda harytlary talabalaýyk resmileşdirmek we olary ygtybarly gümrük barlagyndan geçirmek, üstaşyr geçýän ulaglaryň hereketlerini gözegçilikde saklamak boýunça alnyp barylýan işleri dowam etmegiň möhümdigi bellenilip, bu babatda Döwlet gümrük gullugynyň başlygyna birnäçe tabşyryklar berildi. Şeýle hem Döwlet migrasiýa gullugynyň başlygyna migrasiýa edaralarynyň işini sanly ulgam arkaly kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işleri mundan beýläk-de dowam etmek tabşyryldy.

Jemläp aýdanyňda, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň nobatdaky mejlisinde Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň harby howpsuzlygyny we bitewüligini ýokary derejede üpjün etmek, ýurdumyzyň goranmak ukybyny berkitmek babatda möhüm meselelere garalyp, olar boýunça degişli çözgütleriň kabul edilmegi ata Watanymyzda iň gymmatly baýlygyň raýatlardygyny, olaryň howpsuzlygy we abadanlygy baradaky meseläniň birjikde ünsden düşürilmeýändigini görkezdi.

NESIL

# DÖWLETIŇ BÄHBIDI – HALKYŇ BÄHBIDI

*Milli ykdysadyýetimiziň durnukly ösüşi ata Watanymyzyň ykdysady kuwwatynyň artmagyny, dünýädäki at-abraýynyň pugtalanmagyny, şol bir wagtda raýatlarymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň has-da ýokarlanmagyny şertlendirýär. Şunuň bilen baglylykda, durmuşa geçirilen toplumlaýyn çäreleriň netijesinde, şu ýylyň ýanwar – maý aýlarynda milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynyň durnukly ösüşiniň üpjün edilmegi, hususan-da, jemi içerki önümiň 6,3 göterim artmagy halk bähbidine gönükdirilen tutumly tagallalaryň hemişe üns merkezinde saklanýandygyny, oňyn netijelere beslenýändigini tassyklaýar.*

**Ministrler Kabinetiniň 4-nji iýunda sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisinde hormatly Prezidentimiziň: «Biziň esasy wezipämiz halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da gowulandyrmakdan ybaratdyr» diýip bellemegi öňde durýan möhüm wezipeleriň anyk ugruny kesgitleýär. Şunuň bilen baglylykda, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň geçen bäş aýynda ýerine ýetirilen işleriň jemleri boýunça milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda durnukly ösüşiň üpjün edilmegi ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň has-da ýokarlanýandygyny görkezýär.**

Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynyň, şeýle hem ýurdumyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda ösdürmegiň Maksatnamasynyň esasynda milli ykdysadyýetiň ähli pudaklaryny kämilleşdirmek boýunça giň gerimli işler amala aşyrylýar. Bu Maksatnamalar öňdebaryjy tehnologiýalary we innowasion işläp taýýarlamalary önümçilige işjeň ornaşdyrmakda, ata Watanymyzy mundan beýläk-de hemmetaraplaýyn ösdürmek üçin zerur şertleri döretmekde, giň möçberli özgertmeleri durmuşa geçirmekde, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini mundan beýläk-de gowulandyrmakda esasy gural bolup durýar. Şu jähetden, ýurdumyzda innowasion ugurly ykdysadyýete daýanýan bazar we düzümleýin özgertmeleri geçirmegiň, gaýtadan işleýän pudaklary diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmegiň täze tapgyry durmuşa giňden ornaşdyrylýar. Şeýle çemeleşmäniň netijesinde, şu ýylyň bäş aýynda önümçilik we hyzmatlar ulgamynda ýetilen oňyn sepgitler diýseň buýsandyryjydyr.

Ministrler Kabinetiniň 4-nji iýunda sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisinde hormatly Prezidentimiziň: «Biziň esasy wezipämiz halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da gowulandyrmakdan ybaratdyr» diýip bellemegi öňde durýan möhüm wezipeleriň anyk ugruny kesgitleýär. Şunuň bilen baglylykda, geçen bäş aýda jemi içerki önümiň 6,3 göterim artmagy, şol sanda ösüş depgininiň senagat pudagynda 0,8; gurluşykda 4,7; ulag we aragatnaşyk pudagynda 10,8; söwdada 9,9; oba hojalygynda 4 we hyzmatlar ulgamynda 8,6 göterime deň bolmagy geljekki ösüşler, ýagny ýurdumyzy ösdürmek boýunça kabul edilen döwlet maksatnamalarynyň üstünlikli ýerine ýetirilmegi üçin berk binýatdyr.

Mälim bolşy ýaly, ykdysadyýetiň depginini çaltlandyrmagyň özboluşly guraly hökmünde diwersifikasiýa syýasaty ýurtda jemlenen içerki mümkinçilikleri ösüşiň bähbidine ulanmaga ýardam berýär. Diwersifikasiýa esasynda ösdürilýän ykdysadyýetler durnuklylygy bilen tapawutlanýar. Çünki ykdysadyýetiň köpugurlylaşdyrylmagy makroykdysady deňagramlylygy saklamaga päsgel berýän ol ýa-da beýleki önümçilik we eksport ýöriteleşmesine garaşlylygy azaldýar, içerki hem-de daşarky amatsyz şertlerde-de ykdysady howpsuzlygy pugtalandyrýar, täze, tehnologik taýdan has çylşyrymly, importyň ornuny tutýan önümleri öndürmek üçin şertleri döredýär. Munuň şeýledigine, ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, geçen bäş aýda pudaklarda alnyp barlan işleriň netijeleri anyk mysaldyr.

Şu ýylyň ýanwar – maý aýlarynda gazanylan makroykdysady görkezijiler barada aýdylanda, 2024-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, jemi öndürilen önümiň möçberiniň 9,7 göterim artandygyny bellemek gerek. Şeýle-de hasabat döwründe, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, bölek satuw haryt dolanyşygy 12,5; daşary söwda dolanyşygy 5,4 göterim ýokarlandy. Döwlet býujetiniň girdeji bölegi 101,2; çykdajy bölegi 97,6 göterim ýerine ýetirildi. Ýurdumyzyň iri we orta kärhanalarynda ortaça aýlyk zähmet haky, 2024-nji ýylyň degişli döwrüne görä, 11,4 göterim ýokarlandy. Zähmet haklary, pensiýalar, döwlet kömek pullary we talyp haklary öz wagtynda maliýeleşdirildi.

Ykdysadyýete goýulýan maýa goýumlar dürli pudaklary ösdürmäge binýatlyk esas bolup hyzmat edýär. Goýlan maýalar degişli maksadyna laýyklykda öz wagtynda ulanylyp, garaşylýan netije gazanylanda ähmiýetli bolýar. Şoňa görä-de, maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna özleşdirilen düýpli maýa goýumlarynyň möçberiniň, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 16,3 göterim artmagy ykdysady syýasatymyzyň oýlanyşykly alnyp barylýandygyna güwä geçýär.

Maliýe-ykdysadyýet, nebitgaz, oba hojalygy, söwda, gurluşyk-senagat, ulag-kommunikasiýalar ulgamlary ýaly ugurlar bilen bir hatarda, geçen bäş aýyň dowamynda medeniýet, bilim, saglygy goraýyş, sport, halkara gatnaşyklary ulgamlarynda hem maksatnamalaýyn işler durmuşa geçirildi. Olaryň hatarynda halkara medeni çäreleri, döredijilik bäsleşiklerini, festiwallary, sergileri, konsertleri we beýlekileri bellemek bolar. Bu çäreler halkymyzyň medeni-aň derejesiniň ýokarlanmagyna, ýaşlaryň watansöýüjilik ruhunda terbiýelenmegine, döwletleriň arasyndaky hoşniýetli gatnaşyklaryň berkemegine ýardam edýär. Şu jähetden, döwlet Baştutanymyz tomusky dynç alyş möwsüminiň başlanmagy bilen baglylykda, medeni edaralarda we teatrlarda çagalar üçin gyzykly çäreleri guramagy, milli mirasymyzy hemmetaraplaýyn öwrenmek we ýaşlaryň arasynda wagyz etmek boýunça netijeli işleri alyp barmagy, taryhy-medeni ýadygärliklerimizi aýawly saklamak boýunça zerur işleri yzygiderli geçirip durmagy medeniýet ulgamynyň öňünde durýan esasy wezipeler hökmünde kesgitledi.

Esasy bellemeli zat, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň geçen bäş aýynyň dowamynda ýaş nesliň döwrebap bilim almagy ugrunda toplumlaýyn işler amala aşyryldy, okatmagyň öňdebaryjy usullary bilim işinde giňden ulanyldy, okuw kitaplarydyr gollanmalar neşir edildi. Netijede, mekdep okuwçylary, talyp ýaşlar halkara ders we internet bäsleşiklerinde jemi 711 medala we dürli derejeli diplomlara mynasyp boldular. Türgenlerimiz bolsa halkara ýaryşlara gatnaşyp, jemi 349 medaly eýelemegi başardylar. Munuň özi nesilleriň sazlaşykly ösen şahsyýetler bolup kemala gelmegi üçin uly aladalar edilýän ýurdumyzda ýaşlaryň özlerine bildirilýän belent ynamy ödeýändiklerini subut edýär.

Umuman, Garaşsyz ýurdumyzda şu ýylyň bäş aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri kabul edilen maksatnamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň subutnamalarydyr. Sebäbi hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, jemi içerki önümiň ösüşi hasabat döwründe 6,3 göterim derejede durnukly saklanyp gelýär. Iri senagat we durmuş maksatly desgalaryň, şol sanda täze şäherçeleriň, ýaşaýyş jaýlarynyň, mekdepleriň, çagalar baglarynyň, beýleki binalaryň we desgalaryň gurluşygy netijeli dowam edýär. Bularyň ählisi Gahryman Arkadagymyzyň nusgalyk başlangyçlaryny üstünlikli dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda eziz Diýarymyzda ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini we durmuş taýdan goraglylygyny has-da ýokarlandyrmak babatda bimöçber işleriň durmuşa geçirilýändiginiň, milli ykdysady ösüşi gazanmakda anyk maksatlara tarap ynamly ädimler ädilýändiginiň nyşanydyr.

NESIL

# 2025-nji ÝYL: HALKARA PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK ÝYLY

ÝAŞ ŽURNALISTIŇ SÖZI

## HOŞNIÝETLILIK WE YNSANPERWERLIK ÝOLY

### türkmen-mongol gatnaşyklaryny şanly sahypalara besleýär

*Birek-birege hormat goýmakdan, ynamdan, hoşamaýlykdan gözbaş alýan bu ýol könülleri we ýürekleri birleşdirýär. Türkmen topragynyň köp bölegini tutýan giň Garagum sährasy deýin, meýdanynyň aglaba bölegini sähralyklar eýeleýän Mongoliýanyň hem türkmen halky ýaly sähraýy kalply halky bar. Türkmenistan we Mongoliýa — Demirgazyk-Gündogar Aziýanyň hem-de Merkezi Aziýanyň ýüreginde ýerleşýän döwletlerdir. Şu jähetden, hormatly Prezidentimiziň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 1-2-nji iýunynda Mongoliýa amala aşyran döwlet sapary türkmen-mongol gatnaşyklarynda hil taýdan täze sahypanyň açylandygyny aýdyň görkezýär.*



#### GÜNEŞLI ÜLKÄNIŇ SAHAWATY

Mongoliýa tebigaty boýunça açyk howaly, dünýädäki iň Güneşli ülkeleriň biridir. Sebäbi bu ýurtda ýylda 250-den gowrak Güneşli gün bolýar. Şonuň üçin syýahatçylar bu döwlete: «Baky gök asmanly ýurt» hem diýýärler. Asman şeýle arassa we bulutsyz bolansoň, taryhda mongollaryň Göge hormat goýup, Gök Taňra sežde etmegi tebigy ýagdaýdyr. Tebigatyň şeýle täsinligi mongol halkynyň ýaşaýyş-durmuşyny we dünýägaraýşyny kemala getiripdir. Çünki bu halk toprak bilen Gögüň arasyndaky baglanyşygy medeniýetiniň aýrylmaz bölegi hasaplaýar.

Mongoliýa demirgazykda Russiýa, günorta-gündogarda we günbatarda Hytaý bilen serhetleşýär. Hut şu iki döwletiň mongol taryhynda, daşary syýasatynda, ykdysadyýetinde uly yz goýandygyny dünýä taryhyndan bilýäris. Häzirki wagtda ýurduň umumy meýdany 1,5 million inedördül kilometrden gowrak bolup, bu görkeziji boýunça dünýäde 18-nji orny eýeleýär. Şeýle giň çägi eýeläp, Mongoliýa ilatyň gaty seýrek ýerleşen ýurtlarynyň hataryna girýär.

Mongoliýanyň geografik gurluşy, esasan, giň sähralyklardan, daglardan we gury düzlüklerden ybaratdyr. Ýurduň gündogary we günorta-gündogary Aziýanyň iň uly sährasy bolan Gobi sährasy bilen tutuşlygyna gurşalandyr. Şonuň üçin-de Mongoliýa «Giň düzlükleriň, giň mümkinçilikleriň ýurdy» hem diýýärler. Ýurduň dolandyryş merkezi Ulan-Bator şäheri bolsa dünýäniň iň sowuk howaly paýtagty hasaplanýar.

#### DEŇZE ÇYKALGASYZ ÄGIRT ULY ÝURT

Mongoliýa — ululygy boýunça dünýäde deňze çykalgasy bolmadyk döwletleriň arasynda öňdäki orunda durýar. Bu ýurt 1961-nji ýylda BMG-niň doly hukukly agzalygyna kabul edilýär. Mongoliýa parahatçylygy goramak, ýaragsyzlanmak, adam hukuklary, bilim, gender deňligi ýaly wajyp ugurlarda Milletler Bileleşiginiň işjeň hyzmatdaşlarynyň biri bolup durýar. Şular bilen baglylykda, Türkmenistan bilen Mongoliýa iri halkara düzümleriň, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde özara düşünişmeklige we birek-birege goldawa esaslanýan hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny alyp barýarlar. Iki ýurduň arasynda diplomatik gatnaşyklar 1992-nji ýylyň 23-nji aprelinde ýola goýuldy. Mongoliýa Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen Kararnamalaryň 15-siniň, şol bir wagtda Türkmenistan hem bu ýurduň öňbaşçylygynda Baş Assambleýanyň kabul eden Kararnamalarynyň 5-siniň awtordaşydyr. Geçen ýylyň 10 — 13-nji oktýabry aralygynda Mongoliýanyň Prezidenti Uhnaagiýn Hurelsuhyň ýurdumyza amala aşyran döwlet sapary bolsa gatnaşyklaryň gerimini has-da giňeltdi.

Hormatly Prezidentimiziň şu gezekki döwlet saparynyň dowamynda geçirilen gepleşikleriň barşynda dürli ugurlara, şol sanda ulag ulgamyndaky hyzmatdaşlyga aýratyn üns çekildi. Mälim bolşy ýaly, şu ýylyň awgustynda Hazaryň türkmen kenarynda döwlet we hökümet Baştutanlarynyň derejesinde Birleşen Milletler Guramasynyň deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahaty geçiriler. Türkmenistanyň şu ýylyň aprelinde deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar üçin halkara barlag merkezini döretmek hakynda köptaraplaýyn Ylalaşyga resmi taýdan goşulmagy hem-de türkmen tarapynyň Ulan-Batorda ýerleşýän şol merkez bilen işjeň özara hyzmatdaşlyk etmäge taýýardygyny tassyklamagy bu ugurdaky tagallalary utgaşdyrmaga mümkinçilik berýär.

Umuman, hormatly Prezidentimiziň Mongoliýa amala aşyran ilkinji döwlet saparynyň dowamynda gol çekilen möhüm ähmiýetli döwletara resminamalaryň 14-si, gazanylan ylalaşyklar türkmen-mongol gatnaşyklarynda täze menzillere ýol açýar.

#### DIPLOMATIÝA MEDENIÝETE DAÝANÝAR

Aýdylyşy ýaly, beýik döwletler diňe bir diplomatiýanyň güýjüne däl, eýsem, medeni gazananlarynyň güýjüne hem daýanýar. Şu nukdaýnazardan, Türkmenistan hem, Mongoliýa hem baý medeni mirasa eýedirler. Iki döwlet hem öz milli däplerine, medeni gymmatlyklaryna, halk aýdymlaryna, ýazuw mirasyna, taryhy ýadygärliklerine aýratyn hormat goýýarlar. Bu ýörelgeler bolsa iki halky bitewüleşdirip, ikitaraplaýyn medeni-ynsanperwer gatnaşyklary has-da giňeldýär.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

Iki ýurduň ÝUNESKO-da çarwa halklaryň medeni mirasyny gorap saklamak meselesi babatda hereketlerini utgaşdyrmak, Orhon jülgesinden tapylan gadymyýetiň syrly ýazgylaryny öwrenmek, olar boýunça bilelikde barlaglary geçirmek, atçylyk, seýisçilik sungaty, medeniýeti we däpleri babatda hyzmatdaşlyk etmek baradaky başlangyçlary medeniýetara gatnaşyklary täze derejä çykarýar. 2015-nji ýylda Türkmenistanyň Mongoliýadaky Medeniýet günleriniň we geçen ýylyň oktýabr aýynda Aşgabatda bilelikdäki medeni çäräniň geçirilmegi hem medeni diplomatiýanyň täsirli ornuny aýdyň görkezýär. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň şu gezekki döwlet saparynyň çäklerinde Ulan-Batoryň Opera we balet döwlet akademiki teatrynda iki ýurduň sungat ussatlarynyň bilelikdäki konsertiniň guralmagy medeni gatnaşyklaryň has-da dabaralanýandygyny görkezdi.

* * *

XXI asyryň geosyýasatynda Mongoliýa müňýyllyklaryň dowamynda saklanyp galan gadymy däpler bilen häzirki zaman ösüşiniň özboluşly utgaşan mekany hökmünde tanalýar. Bu ýurt diňe bir geografiýasy däl, eýsem, halk filosofiýasy, tebigata sazlaşykly ýaşaýyş-durmuş ýörelgeleri bilen hem dünýäde aýratyn orun eýeleýär. Taryh sahypalaryna döwlet gurmagyň beýik nusgasyny möhürlän iki halkyň arasyndaky hut şu ruhy baglanyşyk döwletara hyzmatdaşlygyň durnukly we çuň manyly esasda ösdürilmegine giň ýol açýar. Bu babatda hormatly Prezidentimiziň Mongoliýa ilkinji döwlet sapary, onuň dowamynda gol çekilen resminamalar türkmen-mongol gatnaşyklarynyň binýadyny pugtalandyrýar. Çünki häzirki zaman dünýäsinde dost-doganlygy berkidip, dialog medeniýetine esaslanýan diplomatiýanyň gurallaryny işjeň ulanmak umumy geljegimize goýlan iň gymmatly maýadyr.

**Atamyrat ÝAZWELIÝEW,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň talyby, «Nesil».**

12-nji IÝUN — YLYMLAR GÜNI

## ADAMZADYŇ RÖWŞEN GELJEGINIŇ BINÝADY

*Ylym we bilim islendik döwletiňdir jemgyýetiň ösüşiniň binýady hem-de möhüm şertidir. Şu jähetden, her ýylyň 12-nji iýunynda ýurdumyzda Ylymlar güni uludan dabaralandyrylýar. Bu ajaýyp sene mynasybetli her ýyl däp bolan «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ylym, tehnika we innowasion tehnologiýalar» atly halkara ylmy maslahatyň, şeýle-de ýaşlaryň arasynda ylmy işler boýunça bäsleşigiň ýeňijilerini yglan etmek we sylaglamak dabarasynyň geçirilmegi ýurdumyzyň ylmy binýadynyň barha pugtalanýandygyny görkezýär. Çünki Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň belleýşi ýaly, «Ylym adamzadyň röwşen geljeginiň ýoludyr».*

Ylym jemgyýetçilik ösüşine kuwwatly itergi berýän özgerdiji güýç hökmünde Türkmenistanyň häzirki durmuşynda möhüm orny eýeleýär. Ýurdumyzyň okgunly ösüşi, esasan, ylymly, bilimli, zehinli ýaşlara we olaryň netijeli ylmy işlerine baglydyr. Şunuň bilen baglylykda, Diýarymyzda ýaşlar hemmetaraplaýyn goldanylyp, täze üstünliklere ruhlandyrylýar. Milli ylym ulgamy ylmy-tehniki ösüşe, iň täze tehnologiýalara, innowasiýalara daýanmak bilen, ynamly öňe barýar.

Häzirki döwürde ylym ulgamyny hil taýdan täze derejä çykarmak, geçirilýän ylmy barlaglaryň, tehniki işläp taýýarlamalaryň netijeliligini artdyrmak, olary önümçilige işjeň ornaşdyrmaga gönükdirmek, bu ulgamy dünýä derejesinde ösdürmek türkmen alymlarynyň öňünde durýan esasy wezipelerdir. Şoňa görä-de, milli ylym ulgamynyň döwrebaplaşdyrylmagy, onuň häzirki zaman jemgyýetinde eýeleýän ornunyň berkidilmegi, egsilmez döredijilik ukyby we ägirt uly ylmy mümkinçilikleri bolan giň dünýägaraýyşly, innowasion tehnologiýalary dolandyrmaga ukyply alymlaryň täze neslini terbiýeläp ýetişdirmek ugrunda ähli zerur tagallalar edilýär.

**Döwlet Baştutanymyzyň: «Ýaşlarymyzyň öňdebaryjy tehnologiýalary işjeň özleşdirýändikleri, sanly ulgamyň mümkinçiliklerine oňat düşünýändikleri öwgä mynasypdyr» diýip, ylym dünýäsine gadam basýan ýaş alymlara uly ynam bildirmegi ýaşlaryň ylmy-barlag işlerine işjeň çekilmegine oňyn täsirini ýetirýär.**

Ylym ulgamynyň ösdürilmegine döwlet tarapyndan berilýän goldaw ýyl-ýyldan artýar, düýpli we amaly ylmy barlaglary geçirmek, täze açyşlar etmek, ylmyň öňdebaryjy gazananlaryny, tehnologiýalary ulanmak, geljegi uly ugurlarda alnyp barylýan ylmy barlaglaryň gerimini giňeltmek üçin zerur şertler döredilýär. Ugurdaş edaralaryň, ýokary okuw mekdepleriniň maddy-enjamlaýyn binýady yzygiderli berkidilýär. Olaryň işine häzirki zaman maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalary ornaşdyrylýar, şol sanda internet ulgamy, elektron kitaphanalar arkaly dünýäniň maglumat giňişligine netijeli aralaşmak babatda ähli mümkinçilikler döredilýär. Ylmy-barlag institutlary, ýokary okuw mekdepleri, ylmy-tehnologik, ylmy-kliniki we ylmy-taslama merkezleri, tejribe-önümçilik barlaghanalary, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň, Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşiniň ýanyndaky Ýaş alymlaryň merkezi tarapyndan alnyp barylýan senagat-innowasion, maglumat-tehnologik barlaglar, ýaş alymlaryň, inženerleriň, tehnologlaryň, hünärmenleriň ylmy açyşlary ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşine degişli möhüm ähmiýetli wezipeleriň çözülmegine ýardam berýär.

Hormatly Prezidentimiziň ýaşlary geljegi uly ugurlardaky ylmy gözleglere giňden çekmek meselesine yzygiderli üns bermegi bilen, her ýyl Ylymlar gününiň öňüsyrasynda geçirilýän ylmy bäsleşige gatnaşýanlaryň sany ýyl-ýyldan artýar. Olar bäsleşige ylmyň we tehnologiýalaryň «Nanotehnologiýalar, himiki tehnologiýalar, täze materiallary öwrenmek we energetika»; «Biotehnologiýa, molekulýar biologiýa, oba hojalygy, ekologiýa we genetika»; «Maglumat we aragatnaşyk ulgamlary, kompýuter tehnologiýalary»; «Häzirki zaman lukmançylyk we derman serişdelerini öndürmek tehnologiýalary»; «Innowasion ykdysadyýet»; «Ynsanperwer ylymlar» ýaly esasy alty ugry boýunça öz işläp taýýarlamalaryny, nazary gözleglerini, ylmy barlaglaryny hödürleýärler. Çünki bu ugurlarda ýaýbaňlandyrylan düýpli özgertmeler, ilkinji nobatda, milli bähbitleriň üpjün edilmegine, durmuş-ykdysady ösüşiň täze sepgitlerine ýetilmegine gönükdirilendir. Döwlet Baştutanymyzyň: «Ýaşlarymyzyň öňdebaryjy tehnologiýalary işjeň özleşdirýändikleri, sanly ulgamyň mümkinçiliklerine oňat düşünýändikleri öwgä mynasypdyr» diýip, ylym dünýäsine gadam basýan ýaş alymlara uly ynam bildirmegi ýaşlaryň ylmy-barlag işlerine işjeň çekilmegine oňyn täsirini ýetirýär.

Ýeri gelende bellesek, milli ylym ulgamynyň döwrebaplaşdyrylmagynda, ýaşlaryň ylym dünýäsine içgin aralaşmagynda halkara hyzmatdaşlyga uly orun degişlidir. Yzygiderli geçirilýän ylmy duşuşyklar, pikir alyşmalar, hünär tejribelikleri, halkara taslamalary we maksatnamalary bilelikde ýerine ýetirmek, ylmy barlaglar ylmy işleriň halkara derejä çykarylmagyny üpjün edýär. Iň gowy daşary ýurt tejribesini we gazananlaryny çekmegiň hasabyna ylmy barlaglaryň netijeliligi ýokarlandyrylýar. Bularyň ähliside halklaryň özara düşünişmegine, medeniýetleriň baýlaşmagyna, halkara ylym-bilim hyzmatdaşlygynyň pugtalandyrylmagyna ýardam edýär.

Görnüşi ýaly, ylmyň ösdürilmegi, innowasion tehnologiýalaryň, geljegi uly işläp taýýarlamalaryň giňden ornaşdyrylmagy, ýaşlaryň ylmy gözleglere höweslendirilmegi häzirki zaman dünýäsinde ykdysady ösüşi gazanmagyň, halkyň ýaşaýyş-durmuşynyň hilini ýokarlandyrmagyň esasy şertidir. Şoňa görä-de, ylym-bilim ulgamyny döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hökmünde kesgitlän Türkmenistan döwletimizde her ýylyň 12-nji iýunynda Ylymlar gününiň uludan bellenilmegi bu babatda nusgalyk işleriň durmuşa geçirilýändigine aýdyň mysaldyr.

Goý, ýurdumyzyň ylym-bilim binýadynyň berkemegi ugrunda yzygiderli tagalla edýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, alyp barýan döwletli işleri elmydama rowaç bolsun! Milli Liderimiziň hem-de hormatly Prezidentimiziň egsilmez gujur-gaýraty, gurmak we döretmek başlangyçlary bilen eziz Watanymyzyň at-abraýy, şan-şöhraty mundan beýläk-de dünýä dolsun!

**Dünýägözel AMANNAZAROWA,**
**Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň diňleýjisi.**

DÖWÜR WE ÝAŞLAR

## YNAMA YGRARLY NESILLER

*Täze taryhy döwrümizde Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň tagallalarynyň netijesinde, rowaçlyklara beslenýän ýurdumyzda ýaşlar syýasaty üstünlikli durmuşa geçirilýär. Şunda giň gözýetimli, çuňňur dünýägaraýyşly we täzeçe pikirlenmäge ukyply ýaşlary kemala getirmäge aýratyn üns berilýär. Çünki ýaş nesil baradaky alada eziz Watanymyzyň geljegi baradaky aladadyr.*

Gahryman Arkadagymyz «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly kitabynda: «Men türkmen ýaşlaryna kalbymyň töründen orun berip, olary ezizleýärin» diýýän bolsa, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly kitabynda: «Ýaşlar döwletimiziň kuwwatly güýjüdir, halkymyzyň belent maksatlara ýugrulan nurana geljegidir» diýip nygtamagy ýaş nesillerimize bildirilýän uly ynamyň beýanydyr. Milli Liderimiziň hem-de döwlet Baştutanymyzyň durmuş tejribelerine esaslanyp berýän öwüt-ündewleri ýaş nesillerimiz üçin nusgalyk ýol-ýörelgedir.

Häzirki wagtda ýurdumyzda ýaşlaryň hukuklary ygtybarly goralyp, mertebesi belent tutulýar, olaryň ýaşaýyş derejesini we durmuş taýdan goraglylygyny ýokarlandyrmak üçin zerur şertler döredilýär. Ýaş türkmenistanlylaryň döredijilik taýdan kämilleşmegine möhüm ähmiýet berilýär. Bu ugurda durmuşa geçirilýän işler, ilkinji nobatda, köpugurly bilim bermäge, ýaş nesli watançylyk ruhunda terbiýelemek üçin zerur şertleri üpjün etmäge gönükdirilendir.

Mälim bolşy ýaly, 2022-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunyň rejelenen görnüşi kabul edildi. Jemgyýetiň iň işjeň bölegini düzýän ýaşlaryň pikir-garaýyşlary çuňňur öwrenilip taýýarlanylan, 10 bapdan we 57 maddadan ybarat bu kanunda ýaşlar barada döwlet syýasatynyň maksatlary, wezipeleri, ýörelgeleri, esasy ugurlary kesgitlenilip, ylym-bilim, döredijilik, telekeçilik, maşgala babatda ýaşlarymyzyň goldanylmagy we goralmagy göz öňünde tutulýar.

«Bir ýyl öňüňi görjek bolsaň, däne ýetişdir. On ýyl öňüňi görjek bolsaň, bag ýetişdir. Ýüz ýyl öňüňi görjek bolsaň, terbiýeli nesil ýetişdir» diýlişi ýaly, ata Watanymyzyň at-abraýynyň has-da ýokarlanmagyna öz mynasyp goşantlaryny goşýan nesilleri terbiýeläp ýetişdirmek biziň mukaddes borjumyzdyr. Şu jähetden, Kanuna «Ýaşlaryň watançylyk terbiýesi» atly täze babyň girizilmegi ýaşlarymyzy watançylyk ruhunda terbiýelemek ugrunda durmuşa geçirilýän beýik işleriň kanunçylyk binýadyny döretmekde uly ähmiýete eýedir.

Dünýäniň häzirki şertlerinde parahatçylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmak işlerinde ýaşlara wajyp ähmiýet berilýär. Şoňa görä-de, hormatly Prezidentimiziň Karary bilen «Türkmenistanyň ýaşlarynyň halkara hyzmatdaşlygynyň 2023 — 2030-njy ýyllar üçin Strategiýasynyň» tassyklanylmagy, şeýle hem Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň ÝUNESKO-nyň Bütindünýä Ýaşlar jemgyýetiniň resmi agzalygyna kabul edilmegi dünýä jemgyýetçiliginde ýaşlar hyzmatdaşlygyny ösdürmäge aýratyn üns berilýändigine şaýatlyk edýär.

Ýaşlar syýasatyny halkara derejede ýaýbaňlandyrmak Türkmenistanyň daşary syýasy strategiýasynyň hem esasy ugurlarynyň biridir. Şoňa görä-de, 2023-nji ýylda Arkadag şäherindäki Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda «Dialog — parahatçylygyň kepili» atly halkara ýaşlar forumynyň, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda «Halklaryň dostlugy — ýaşlaryň bagtyýar geljeginiň kepili» atly Ýaşlaryň halkara maslahatynyň, şeýle hem Mary şäherinde «Beýik Ýüpek ýolunyň täze eýýamy» atly Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Hytaýyň ýaşlarynyň forumynyň geçirilmegi taryhy wakalaryň hataryndan orun aldy.

Jemläp aýdanyňda, türkmen ýaşlary jemgyýetiň ähli gurşawynda bolup geçýän özgerişleri, täzelikleri durmuşa geçirmäge we ösdürmäge ukyplydyrlar. Ýaşlar döwletiň işjeň we örän wajyp güýjüdir, olaryň islegleri, gymmatlyklary, garaýyşlary geljegiň binýadydyr. Ýurdumyzy gülledip ösdürmek babatda ägirt uly işleri amala aşyrýan, ýaş nesle uly ynam bildirýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, beýik işleri elmydama rowaç bolsun!

**Maksat JANMYRADOW,**
**Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Mary welaýat geňeşiniň başlygy, Mejlisiň deputaty.**









# TÜRKMENIŇ DÖWLETLI ÝOLY AK GELJEGE DOWAM BOLSUN!

## GURBAN BAÝRAMY — milli däplerimiziň dabaralanmasy

*Agzybirligiň, ynsanperwerligiň we jebisligiň toýy hökmünde aýratyn ähmiýete eýe bolan mukaddes Gurban baýramy Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda tutuş ýurdumyzda uludan bellenildi. Mukaddes toýuň dabaralary Aşgabat we Arkadag şäherlerinde, welaýatlaryň ähli künjeginde giň gerim aldy. Döwletli ojaklarda milli däp-dessurlarymyza, urp-adatlarymyza, asylly ýörelgelerimize birkemsiz eýerilip, gurbanlyk sadakalary berildi. Şeýle hem toý gazanlary atarylyp, bereketli saçaklar giňden ýazyldy, birek-birege hödür-kerem edildi.*

Hormatly Prezidentimiz: «Jemgyýetimiziň ruhy sagdynlygy, milletimiziň ahlak kämilligi biziň esasy maksadymyzdyr» diýip belleýär. Şu jähetden alnanda, türkmen halkynyň asyrlardan-asyrlara, nesillerden-nesillere geçip gelýän belent ahlak gymmatlyklaryny, ynanç-adatlaryny özünde jemleýän hem-de ynsanperwerligi we hoşniýetliligi dabaralandyrýan Gurban baýramyna mynasyp orun degişlidir. Çünki mukaddes Gurban baýramy has irki döwürlerden bäri halk baýramy hökmünde meşhur bolup, oňa gadymy Oguz ýörelgeleri, ahlak-edep, pähim-parasat ýakymlylygy siňdirilipdir. Şeýdibem, ol halkyň söýgüli baýramyna öwrülip gidipdir. Şoňa görä-de, hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygynyň giňden bellenilýän şu ýylynda hem Gurban baýramynyň ilkinji gününiň ir säherinde ýurdumyzyň ähli metjitlerinde baýram namazy okaldy.

Soňra bu mukaddes toýuň dabaralarynyň ýurdumyzyň çar künjeginde uly ruhubelentlige beslenmegi döwlet berkararlygynyň, döwür bagtyýarlygynyň nyşanydyr. Asylly däbe görä, baýramçylyk meýdançalarynyň töweregindе ak öýler dikildi, ata-babalarymyzdan gelýän iň ýagşy dessurlarymyz berjaý edildi. Munuň özi pederlerimiziň mizemez ýörelgeleriniň dowamat-dowama atarylýandygyny alamatlandyrdy. Umuman, ynsanperwerlige, şükranalyga, agzybirlige we jebislige çagyryş bolan Gurban baýramynyň tutuş ýurdumyzda egsilmez şatlyk-şowhuna, ruhubelentlige beslenip, uludan dabaralandyrylmagy, gurbanlygyň gadymy däp-dessurlarynyň döwrebap öwüşginde baýlaşdyrylmagy biziň her birimiziň buýsanjymyzy artdyrýar, täze üstünliklere ruhlandyrýar.

Eziz Diýarymyzda watandaşlarymyzyň yslam dünýäsiniň mukaddesliklerine zyýarat etmek, namaz okamak, oraza tutmak ýaly mukaddes borçlaryny hem-de parz amallaryny göwnejaý berjaý etmekleri üçin ähli şertler döredilýär. Asylly däbe eýerilip, şu ýyl hem mukaddes Gurban baýramynyň bellenilýän günlerinde watandaşlarymyzyň 2 müň 844-siniň yslam dünýäsiniň mukaddesliklerine zyýarat edip, haj parzlaryny berjaý etmekleri üçin Saud Arabystany Patyşalygyna zyýarata ugradylmagy muňa aýdyň mysaldyr. Şolaryň 289-sy döwlet tarapyndan, 2 müň 555 ildeşimiz bolsa öz serişdeleriniň hasabyna iberilenlerdir. Şoňa görä-de, şu günler ildeşlerimiz keramatly Mekge we Medine şäherlerinde bolup, haj parzlaryny ýerine ýetirýärler. Olar asyrlardan gözbaş alýan dini dessurlary berjaý edip, Watanymyzyň rowaçlygynyň, halkymyzyň abadançylygynyň hatyrasyna dileg-dogalar edýärler. Haj parzyny birkemsiz amal etmäge döredilen mümkinçilik üçin tüýs ýürekden hoşallyklaryny beýan edýän watandaşlarymyz Gurban baýramy günlerinde agzybirlikde sadaka berdiler. Ähli musulmanlar üçin mukaddes hasaplanylýan ýerlerde berlen bu sadaka merdana halkymyzyň her bir pursatda paýhasly pederlerimiziň döreden we dünýä nusgalyk ynsanperwerlik ýörelgelerine ygrarlydygynyň, asylly işleriň, ýagşy dessurlaryň rowaç bolmagy ugrunda hemmetaraplaýyn tagalla edilýändiginiň nobatdaky beýany boldy.

Jemläp aýdanyňda, Gurban baýramynyň dabaralary Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe jemgyýetimiziň ruhy sagdynlygynyň, milletimiziň ahlak kämilliginiň üpjün edilýändiginiň, medeni-ruhy mirasymyza sarpa goýulýandygynyň, milli däplerimiziň mynasyp dowam etdirilýändiginiň güwäsine öwrüldi.

NESIL

## Agzybirligiň we döwletliligiň baýramy

*Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň tagallalary netijesinde halkymyzyň asyrlar aşyp gelen milli ýol-ýörelgeleri, däp-dessurlary täze öwüşginlere eýe bolýar. Şunuň bilen baglylykda, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde päkligiň, agzybirligiň, ynsanperwerligiň we jebisligiň toýy hökmünde aýratyn ähmiýete eýe bolan mukaddes Gurban baýramy uly şatlyk-şowhun bilen bellenildi.*

Arkadagly Gahryman Serdarymyz: «Gurban baýramy Gündogar halklary bilen birlikde, türkmen halkynyň asyrlardan-asyrlara, nesillerden-nesillere geçirilip gelinýän belent ahlak gymmatlyklaryny, ynanç-adatlaryny özünde jemläp, ynsanperwerligi hem-de hoşniýetliligi dabaralandyrýar» diýip belleýär. Şu jähetden, yslam dünýäsinde bu mukaddes sene adamzadyň tämiz ruhy-ahlak gözellikleri-ni, asylly ýörelgeleri dabaralandyrýan iň gadymy baýramlaryň biri hasaplanýar. Bu nurana baýram Garaşsyzlyk ýyllarynda many-mazmun babatda has-da baýlaşdyrylyp, iň arzyly baýramlaryň birine öwrüldi. Hormatly Prezidentimiziň türkmen halkyna iberen Gutlagynda hem Gurban baýramynyň umumadamzat gymmatlyklaryny baýlaşdyrýan hem-de belent ynsanperwerlik gatnaşyklaryny pugtalandyrýan baýramdygy aýratyn nygtalýar.

Bu baýram bagtyýar halkymyzyň abadan durmuşda ýaşaýandygyny, Watanymyzyň ösüşleriň ýoly bilen ynamly öňe barýandygyny alamatlandyryp, jemgyýetçilik durmuşyna aýratyn öwüşgin çaýýar. Şoňa görä-de, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda bu mukaddes baýrama bagyşlanyp, Diýarymyzyň çar künjeginde aýdym-sazly dabaralar, baý mazmunly medeni-köpçülikleýin çäreler ýaýbaňlandyryldy. Munuň özi agzybirligiň, jebisligiň, hoşniýetliligiň hem aýdyň nyşanydyr.

Halkymyzda Gurban baýramy Beýik Biribara söýginiň, myhmansöýerligiň, hödür-keremiň, birek-birege hormat goýmagyň mizemez dessurlary bilen sazlaşyp, nesilden-nesle geçip gelýär. Hormatly Prezidentimiziň Gurban baýramyny bellemek hakynda gol çeken Permanyna laýyklykda, ildeşlerimiz bu mübärek baýram günlerinde gadymdan gelýän milli däp-dessurlarymyzy berjaý edip, gurbanlyk sadakalaryny berdiler. Baýram günlerinde bereketli desterhanlar giňden ýazylyp, agzybirligi, halallygy, raýdaşlygy ündew edýän söhbetler, ýagşy doga-dilegler edildi.




TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

Ýurdumyzyň şäherleridir obalarynda raýatlarymyzyň medeniýetli dynç almaklary, ýaşlaryň wagtlaryny hoş geçirmekleri üçin hiňňildikleriň dikilmegi, aýdym-sazly konsertleriňdir dürli görnüşli medeni we sport çäreleriniň guralmagy halkymyzyň gadymy milli däp-dessurlaryna täzeçe öwüşgin çaýylýandygynyň aýdyň subutnamasydyr. Baýramçylyk dabaralary jemgyýetimiziň ruhy sagdynlygynyň, milletimiziň ahlak kämilliginiň üpjün edilýändiginiň, medeni-ruhy mirasymyza sarpa goýulýandygynyň, milli däplerimiziň mynasyp dowam etdirilýändiginiň güwäsine öwrüldi. Rysgal-berekede ýar bolan her bir döwletli ojaga, agzybir maşgala egsilmez nur paýlaýan Gurban baýramyny agzybirlikde toýlamaga mümkinçilik döreden Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyş sözleri aýdyldy.

Mahlasy, nesilleri we döwürleri baglanyşdyrýan mukaddes Gurban baýramy we bu ajaýyp sene mynasybetli guralan dabaralar halkymyzyň medeni-ruhy mirasynyň, ahlak ýörelgeleriniň, däp-dessurlarynyň asyrlar aşyp, häzirki döwürde kämilleşdirilýändiginiň ajaýyp nyşanyna öwrüldi. Gurban baýramy günlerinde beren gurbanlyk sadakalaryňyz, okan aýat-töwirleriňiz, Garaşsyz Watanymyzyň abadançylygynyň, adamzadyň asuda we parahat durmuşynyň hatyrasyna eden doga-dilegleriňiz keremli Biribaryň dergähinde kabul bolsun, eziz ildeşler! Milli däp-dessurlarymyzyň, gadymy ýol-ýörelgelerimiziň has-da rowaçlanmagyna giň ýol açýan türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, döwletli işleri rowaç bolsun!

**Akmaral ÝAGMUROWA,**
**Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň talyby.**

DÖWÜR WE TERBIÝE

## PEDERLERIŇ GÖRELDESI — NUSGALYK ÝÖRELGE

*Ata Watanymyzda jemgyýetçilik gatnaşyklaryny berkitmek, maşgala däplerini mynasyp dowam etdirmek, kämil bilimli we edep-terbiýeli nesilleri kemala getirmek ýaly derwaýys meseleler elmydama üns merkezinde saklanylýar. Şoňa görä-de, häzirki wagtda Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen ýaş nesle mynasyp bilim-terbiýe bermäge, ata-babalarymyzdan miras galan milli ýörelgeleriň taryhy köklerini öwretmäge, terbiýeçilik işini döwrümiziň talaplaryna laýyk ösdürmäge aýratyn üns berilýär.*

Türkmen halkynyň terbiýe mekdebiniň gözbaşynyň arassa ahlak sypatlaryna esaslanýandygy mälimdir. Edebi çeşmeler arkaly parasatly pederlerimiziň ýaş nesle edep-terbiýe bermek kadasyna inçelik bilen çemeleşendigine-de göz ýetirýäris. Paýhasly pederlerimiz öz perzentlerini süňňi halal, päk ahlakly, ynsaply, adamkärçilikli, işeňňir, edep-ekramly, ar-namysly, watansöýüji ynsanlar edip terbiýeläp ýetişdirmek üçin ellerinden gelenini gaýgyrmandyrlar. Ata-babalarymyzyň watansöýüjilik ruhy, ynsanperwerlige ýugrulan durmuş ýörelgeleri we nesihatlary, kämil milli häsiýetleri bu günki günde ýaşlarymyz üçin nusgalyk mekdepdir.

Şular bilen baglylykda, häzirki wagtda ýurdumyzda bilim ulgamyna aýratyn üns berilmegi ýaş nesliň diňe bir bilim derejesiniň däl, eýsem, edep-terbiýesiniň hem kämilleşmegine düýpli täsir edýär. Çünki ylym-bilim adamy terbiýeleýär, taplaýar. Şu ýerde görnükli rus ýazyjysy Lew Tolstoýyň: «Terbiýe we bilim aýrylmaz baglanyşyklydyr. Bilim bermezden terbiýelemek mümkin däl, ýöne islendik bilim terbiýe bilen berlende kämildir» diýen sözlerini mysal getirmek isleýäris. Hakykatdan hem, bilimli adamyň düşünjesi, dünýägaraýşy giň bolýar.

Häzirki döwürde bilim-terbiýeçilik işleriniň mazmunynyň kämilleşdirilmegi babatda maksatnamalaýyn işler alnyp barlyp, bilim ulgamynyň dürli basgançaklarynda dünýä ylmynyň gazananlary durmuşa ornaşdyrylýar. Täze taryhy döwrüň ösen şahsyýetini kemala getirmekde bilim-terbiýeçilik işleri türkmen halkynyň ahlak ýol-ýörelgelerine, milli däp-dessurlaryna, şeýle hem halk mugallymçylyk taglymatlaryna daýanýar. Milli Liderimiziň «Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi» atly kitabynda türkmen halkynyň arasynda ata-eneden galan mirasyň iň gymmatlysynyň, iň ýagşysynyň edep-terbiýedigini nygtalmagy hem ýöne ýere däldir. Perzendini jigerbendi hasaplan türkmen halky terbiýäniň iň täsirlisiniň, iň gowusynyň görüm-göreldedigine göz ýetirip, olary diňe söz bilen däl-de, iş bilen, görelde bilen terbiýeläpdirler.



Milli ýörelgelerimiziň beýanyny edebi çeşmelerimizden, halk döredijiliginden hem aýdyň görmek bolýar. Şunda Gahryman Arkadagymyzyň tagallasy bilen neşir edilen «Paýhas çeşmesi» kitabyna aýratyn orun degişlidir. Milli Liderimiz bu kitabyň «Kalba — ynam, köňle — ylham» diýlip atlandyrylan girişinde: «Durmuş hadysalary, watançylyk, edermenlik, ynsanperwerlik, ygrarlylyk, edep-terbiýe ýaly ahlak gymmatlyklarynyň esasynda döredilen atalarymyzyň paýhas çeşmesi biziň günlerimizde täze ideýalar, täze garaýyşlar bilen baýlaşyp, ýaşamagyny dowam etdirýär, gül açýar» diýip belleýär. Ýeri gelende, kitabyň tutuş bir bölüminiň «Edep-terbiýe we ahlaky ündewler» diýlip atlandyrylyp, paýhasly pederlerimiziň akyl ummanyndan dörän edep-terbiýe baradaky ençeme nakyllaryň beýan edilýändigini bellemek gerek. Hususan-da, kitapda: «Adam bir ýaşar, edebi — iki», «Adam edebinden tanalar, ýurt — tugundan», «Adam görki — akyl, söz görki — nakyl», «Edep başy — dil», «Edep bilen bagt tapylar, sabyr bilen — tagt», «Edepli ile ýarar» ýaly nakyllaryň ençemesi mysal getirilýär.

Milli terbiýe mekdebiniň kemala gelmeginde öwüt-ündew häsiýetli goşgularyň hem möhüm ähmiýeti bar. Şonuň üçin hem nusgawy edebiýatyň ýaşlaryň kämil şahsyýet bolmaklarynda uly ornunyň bardygyny edebiýatçy alymlar belleýärler. Şunda Gündogaryň nusgawy şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň goşgularyny ýaşlara okatmak, oňa düşünmeklerini gazanmak has-da ähmiýetlidir. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiziň «Magtymguly — dünýäniň akyldary» atly kitabynda: «Ýaşlary pederlerimizden miras galan milli häsiýetler, watançylyk ruhy esasynda terbiýelemek, olaryň il-ýurda, halka, Watana bolan söýgüsini gazanmak üçin Magtymguly Pyragynyň öwüt-ündewlerine berk eýermelidiris» diýlip belleýşi ýaly, milli şahyrymyzyň döredijilik mirasy ähli ynsanlaryň köňlünde uly orun eýeleýär. Nusgawy şahyrymyzyň eserleri ýyllar, asyrlar geçsede, özüniň gymmatyny ýitirmeýär. Beýik akyldaryň şygyrlarynda öňe sürülýän pikirler umumadamzat gymmatlyklarynyň derejesinde durýar. Çünki akyldar şahyryň döredijiliginiň mazmuny belent adamkärçilik, ahlaklylyk, ynsanperwerlik ýörelgelerine ýugrulandyr.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe her bir maşgalanyň bagtyýarlygy, nesilleriň ösen jemgyýetimiziň dürli ugurlarynda işlemegi, saýlan hünärlerini kämil ele almagy üçin bimöçber aladalar edilýär. Hormatly Prezidentimiz: «Biz ata-enelerimiziň we maşgalanyň mukaddesligini arşa göterýän halkdyrys» diýip, maşgala gymmatlyklaryna aýratyn sarpasyny beýan etmek bilen, nesillere nusgalyk göreldesini görkezýär. Ata Watanymyzda biz — ýaşlaryň kämil ylym-bilimli, terbiýeli, giň dünýägaraýyşly, watansöýüji nesiller bolup ýetişmegimiz ugrunda durmuşa geçirilýän beýik işler her birimizi buýsandyrýar, bizi täze üstünliklere ruhlandyrýar.

Goý, täze taryhy döwrümizde Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň daşyna mäkäm jebisleşen kämil terbiýeli ýaşlaryň belent maksatlary rowaç alsyn! Milli Liderimiziň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman, beýik işleri mundan beýläk-de dowamat-dowam bolsun!

**Ezizmuhammet BAÝRAMMYRADOW,**
**Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.**

## ÝAŞLAR WE ÝAŞLAR GURAMASY

■ Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşiniň guramagynda paýtagtymyzdaky Jemgyýetçilik guramalarynyň merkezi binasynda wagyz-nesihat duşuşygy geçirildi. Çäräniň dowamynda maşgala mukaddesligi, milli däp-dessurlarymyz hem-de olaryň ýaşlaryň durmuşynda eýeleýän orny dogrusynda giňişleýin söhbet edildi.

**Näzik ATAÝEWA,**
**TMÝG-niň Merkezi geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň baş hünärmeni.**

■ Arkadag şäheriniň Ýaşlar guramasynyň guramagynda şäherdäki Jemgyýetçilik guramalarynyň binasynda wagyz-nesihat duşuşygy geçirildi. Täze şäherde halkymyzyň bagtyýar durmuşda ýaşamagy üçin döredilen döwrebap mümkinçilikleriň ähmiýetini wagyz etmek maksady bilen geçirilen çäre «Arkadag şäheri — döwrebap mümkinçilikleriň şäheri» diýlip atlandyryldy.

**Mekan AMANLYÝEW,**
**TMÝG-niň Arkadag şäheriniň geňeşiniň başlygy.**

■ Süleýman Demirel adyndaky Tejen pagta egirme fabriginde «Milli gymmatlyklara buýsanç» ady bilen geçirilen wagyz-nesihat duşuşygy etrap Ýaşlar guramasy tarapyndan guraldy. Işçi-hünärmenleriň gatnaşmagynda geçirilen duşuşykda milli däp-dessurlarymyzyň, türkmençilik ýörelgeleriniň ýaşlara terbiýe mekdebi bolup durýandygy dogrusynda täsirli gürrüň edildi.

**Aýnagözel ANNAMYRADOWA,**
**TMÝG-niň Ahal welaýatynyň Tejen etrap geňeşiniň esasy hünärmeni.**

■ Halkymyzyň medeni mirasyny hem-de ruhy-ahlak gymmatlyklaryny wagyz etmek maksady bilen, Türkmenbaşy etrabyndaky 1-nji orta mekdepde «Terbiýe — bagtyýarlygyň çeşmesi» ady bilen wagyz-nesihat duşuşygy geçirildi. Etrap Ýaşlar guramasynyň etrap bilim bölümi bilen bilelikde guran çäresine mekdep mugallymlary hem-de okuwçylary işjeň gatnaşdylar.

**Gültäç ALYHANOWA,**
**TMÝG-niň Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy etrap geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni.**

■ Ruhubelent etrap Ýaşlar guramasynyň guramagynda etrabyň merkezi kitaphanasynda geçirilen edebiýat agşamy täsirli pursatlara baý boldy. Oňa döredijilik bilen meşgullanýan ýaşlar we okyjylar köpçüligi işjeň gatnaşdylar. «Kitap — kalbyň açary» diýlip atlandyrylan duşuşykda nusgawy we häzirki zaman türkmen edebiýatyndan, ýaşlaryň döredijiliginden şygyrlar labyzly okaldy.

**Gylyç GYLYJOW,**
**TMÝG-niň Daşoguz welaýatynyň Ruhubelent etrap geňeşiniň başlygy.**

■ «Bagtyýarlyk» çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezinde dynç alýan çagalaryň wagtlaryny gyzykly hem-de täsirli geçirmek maksady bilen, Lebap welaýat Ýaşlar guramasynyň «Türkmenistan» ýaşlar bedenterbiýe-sport guramasy bilen bilelikde guramagynda sport bäsleşigi geçirildi. «Çaga gülküsi — parahatçylygyň owazy» diýlip atlandyrylan ýaryş uly şatlyk-şowhuna beslendi.

**Döwletgeldi GUWANJOW,**
**TMÝG-niň Lebap welaýat geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň müdiri.**

■ Tagtabazar etrap Ýaşlar guramasynyň Serhetabat şäher kitaphanasy bilen bilelikde guramagynda «Kitap bilen açylýar taryhyň syrly gatlary» diýen şygar astynda maslahat duşuşygy geçirildi. Duşuşygyň dowamynda dünýä edebiýatynyň altyn hazynasyna giren meşhur eserleriň ynsanyň dünýägaraýşyny giňeltmekdäki ähmiýetiniň juda uludygy aýratyn nygtaldy.

**Kuwwat ÇARYÝEW,**
**TMÝG-niň Mary welaýatynyň Tagtabazar etrap geňeşiniň başlygy.**

# Aýal dogan

**(OÝLANMA)**

Seniň mähriň aýratyndy, ýönekeýdi, ýakymlydy. Käteler oýlanyp oturyşyma, ýüregimiň nähilidir bir gaty ýakyn, doganlyk mähir-muhabbete suwsaýanyny duýýaryn. Ýaş tapawudymyz uly bolsa-da, dyzlaşyp, ýürek syrlarymyzy paýlaşyp bilerden uzak bolsagam, şo-ol mähir doly gözleriňden maňa tarap dynuwsyz akan doganlyk söýgiňi ýatlap, ýerini näme bilen doljagymy bilmän kösenýärin.

Ýokary okuw mekdebini tamamlap geleniňde, men ýaňy bir 4-nji synpyň gapysyndan ätläpdim. Enem pahyr kileň ogully aýal bolansoň, gyz



perzende nähili çemeleşjegini hem bilmeýän bolmaly. Meniň köýnejiklerimdir donjagazymy elmydama daýzam tikip geýdirerdi. Öýümizde kitaba, ylym-bilime üns berlensoň, geýim-gejim diýen zat hakda asla pikir edibem ýörmezdim. Ýöne, doganjygym, sen mugallym bolup işläp başlaňsoň welin, öýümizem, üst-başymyzam başgaça öwşün atdy oturyberdi. Şol sebäpli-de 4-nji synpyň 1-nji sentýabry hiç ýadymdan çykmaýar. Etrap merkezinde iňlis dili mugallym kän bolansoň, sen oba mekdebine gatnap işlemeli bolduň. Ýol uzak bolsa-da, hiç ýadawlygyňy duýmazdyň. Işden geleňsoň, tä howa salkynlaýança el iş ederdiň. «Täze okuw ýylynda seni hiç kim tanamaz ýaly edeýin, uýam!» diýen sözleriň şindem gulagymda. Sözüňde durduňam şol ýyl. Gökje lawsan matadan boýuma deňäp köýnek biçeniňde hem gaty bir üýtgeşik begenmändim. Onuň ýakasyna salan sekizkeşdäňi görenimde welin, ýüregime täsin bir buýsanç dolupdy. Aýnanyň öňünde täze köýnekli durşuma, özümi özüm tanamadym. Öň pugtamalyja, töweregine kiçijek akgaýma salnan köýnek geýýän bolsam, keşde ýakaly köýnekde ulugyzlara meňzäp durdum. Synpymyzyň iň owadan gyzy Altyna meňzemegi elmydama arzuw ederdim. Ol gyz doganynyň keşdeläp geýdirýän köýnekleri bilen has-da owadandy. Görüp otursam, ynsany häsiýeti bezeýşi ýaly, köýnegi hem keşdeli ýaka gelşigine getirýän ekeni. Okuw başlanmagyna 3-4 gün galanda, parta belleşmäge barypdyk. Takadym ýetmänsoň, täze köýnegimi şol gün geýipdim. Mugallymymyz ýylgyryp: «Tüweleme, Annajemalyň geleni belli boldy, ýakaňy hünji düzen ýaly edipdir. 1-nji sentýabrda şu köýnegiň bilen gelgin. «Hem kömelek, hem gülälegem» aýtgyn» diýipdi.

Okuw başlanan güni gaty ir turmaly bolsam-da, hiç gynanmadym. Sebäbi şol gün meniň selçeňje saçlarymyň örümi hem üýtgeşik bolupdy. Niýetläp alan ak hülle saçbagyň has jüpüne düşüpdi. Joňkaryp oturyşyma tä joralarym öýe gelýänçäler garaşypdym. Gapymyzdaky owunjak mawy güllerden çemen bogan atam hem meni tanamadyk bolmaly. Ol asla gyz-gelniň ýüzüne kän dikanlap seretmezdi. Belki, şondandyr, güli getirip Mahymyň eline berdi. Gyzlar jykyrdaşyp gülşensoň, ýalňyşandygyna düşündi öýdýän. «Dur, gyzym, ýene bir desse bogaýyn» diýibem ýabyň boýuna ýöneldi. Men elim çemenli ýanyna baranymda bolsa, birgeňsi ýylgyryp, eginlerimden sypaşdyrdy: «Berekella, Annajemal-a seni toýa besläpdir. Gel, gyzym, gutlugyňy bereýin» diýdi-de, jübüsinden 10 köpük (teňňe) çykaryp, elime gysdyrdy. Şondan bäri her gezek okuwçylar täze köýnek geýip okuwa gitseler, şol gökje köýnegim hem-de atamyň beren gutlugy ýadyma düşýär.

Çagalaryň uşajyk wagty elim sypyndygyndan kömege barardym. Sen elmydama ýetişiksiz gündediň. Alty çaganyň biş-düşi, kir-çägi hem ýeňil däl. Üstesine, iň göreldeli mugallymdyň. Ýanýoldaşyň traktorçy bolansoň, gapyň mydam myhmanlydy. Biri ýerini sürdürjekdendir, beýlekisi çöp getirtjekden. Mydama güler ýüzlüdiň. Goňşularyň: «Biz Annajemalyň haçan uklap, näwagt oýanýanyny bilmeýäris» diýerdiler. Sebäbi kalbyň gaty baýdy. Käriňe ökdediň. Ilki iňlis dilinden okadan bolsaň, soňra başlangyç synplara sapak beripdiň. Synp otagyňa haýran galyp, muzeýmikä diýipdim. Elde ýasan görkezme esbaplaryň, döreden diwarlyklaryň, zähmet sapagynda ýerine ýetirilen el işleri sanardan köpdi. Hersiniň gapdalynda taýýarlan okuwçynyň ady ýazylgydy. Aýratyn-da, ertekili synp burçuňy gowy görüpdim. Yhlasyňdan ähli okuwçylaryň başlikçidi. Olaryň ýatdan aýdýan goşgulary, şirin labyzlary agynjak seniňkidi. Sebäbi olara seniň zähmetiň siňipdi. «Ataenäniň miwesi perzentdir, mugallymyň zähmeti bilimli okuwçylardyr. Pes okaýan okuwçy mugallymyň usulyýetiniň kemliginiň nyşanydyr. Zehinsiz çaga ýok. Perwaýsyz ataene bilen okuwçyny ünsden düşürýän mugallym bar» diýerdiň. Seniň aýdan şol öwüt-ündewleriň häli-häzirlerem ýüregime jüňk bolýar.

Gaty mertdiň. Ýzly-yzyna bäbekläp, näsaglanyňy duýmadyňmy ýa-da ýagyş-ýagmyrda şol uzak aralyga gatnanyňda sökellik tapyndyňmy, bilmedik, ýaňy çagalaryň ese-boýa galanda agyr derde sataşdyň. Her tomus zähmet dynç alşyňda paýtagta gelip, hassahana girerdiň. Derdiňi eşidenler: «Wah-wah» diýip gynansalar-da, hiç ruhdan düşmezdiň. «Kimiň näçe ýaşajagyny bir Alla bilýändir» diýerdiň.

Ýaz paslyny aýratyn gowy görerdiň. Bizem ýanyňa alyp, irgözinden mellegimize girerdiň. «Ekişden öň ýene bir gezek ýeriň çaýryny çöpläliň. Onuň ýekeje köki galsa-da, derrew tutaşar, ekinleri eýikdirmez» diýerdiň. Ýabymyzyň boýundaky mawuja gülleri hem eken sendiň. Ondan çemen bogup, içi suwly köneje bulgura goýardyň. «Uýam, seret bularyň owadandygyna. Gün geçdigisaýy barha terlenýär. Sebäbi ýaz geldi. Boluň, bizem öý-işigimizi, bag-bakjamyzy ýaz gelene meňzedeliň. Ýaz bilen zähmet dostdur» diýerdiň.

Hawa, aýal dogan, seniň söýýän ýazlaryň ýene-de gapymyzy kakdy. Gowy görýän mawuja gülleriň hem açyldy. Bu güle basyrynan baharlar, mele ýeri ýaşyl reňke boýan ekinler maňa ýene senli günleri ýatlatdy. «Ýaz bilen zähmet dostdur» diýen bahar-ýazly, zähmetli we mähirli günleriňi...

**Ogulbeg JUMAÝEWA,**
**«Nesil».**

## KÖRPELERE OKAP BERIŇ!



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

### GÜN BILEN SÖHBET

**— Eý, Gün, irden**
**Galkyp göge,**
**Gitdigiçe**
**Galýaň beýge.**

**Ýykylaryn**
**Öýdüp gorkup,**
**Bakaňokmy,**
**Beýge çykyp?!**

**— Ir biläni**
**Saçýan nury.**
**Beýge galyp,**
**Ýere sary.**

**Zähmet çekiň,**
**Päkje bolup.**
**Ýykylaňok,**
**Beýge galyp!**

### EŞEK WE AÝNA

**Eşek bakyp,**
**Öz-özüne.**
**Ol aýnada**
**Ýüz-gözüne.**

**Öwner aýdyp,**
**Gaýta-gaýta:**
**— Ýüzüm meňzeş,**
**Ýüwrük ata.**

**Ýetdirmerin,**
**Hatda ýele.**
**Ýaryşaýsam,**
**Onuň bile!**

**— Sen özüňe**
**Gowy eset.**
**At däldigiň**
**Bilgin, eşek! —**

**Diýdim weli,**
**Aňňyrdy ol.**
**Eşekdigni**
**Aňdyrdy ol.**

### OÝNASAM EGER...

**Gowular bile**
**Oýnasam eger,**
**Gowlanýan has-da,**
**Gowulyk geler.**

**Gelýärin öýe,**
**Ýylgyryp-gülüp.**
**Elmydama-da**
**Men gowy bolup.**

**Bezzatlar bile**
**Oýnasam eger,**
**Maňa-da näme,**
**Bezzatlyk deger.**

**Ýyrtykdyr ýakam,**
**Ýüz-gözüm salyk.**
**Gelýärin öýe,**
**Men bezzat bolup.**

**Çuňňur pikiri**
**Edýän oýlanyp.**
**Ýok, ýok, gideýin,**
**Ýene gowlanyp.**

**Oýnap, tirkeşip,**
**El berip ele.**
**Mydama gowy**
**Oglanlar bile.**

### BELKA WE DAŞDEŞEN

**Alys ýerde**
**Bolan belka,**
**Ýeke özi**
**Galan belka**

**Gök tokaýa**
**Göçüp gelen.**
**Bir daşdeşen**
**Goňşy bolan.**

**Ýöne rahat**
**Ýatyp bilmez.**
**Süýji uka**
**Batyp bilmez.**

**Daşdeşen çar**
**Ýana bakyp.**
**Hiç depini**
**Goýmaz kakyp.**

**Belka çakyp**
**Berip hozy.**
**Haýyş edip,**
**Aýdar sözi.**

**— Ýuwaşrajyk**
**Kakaý depi!**
**— Edýärsiň nä,**
**Belka, gepi.**

**Kakaryn men**
**Dep, belkajyk.**
**Gulagyňy**
**Ýap, belkajyk! —**

**Diýip bakar,**
**Daşdeşen nä?**
**Depi kakar,**
**Daşdeşen nä?**

**Öňküden-de**
**Kakar gaty.**
**Sesi has-da**
**Çykar gaty.**

**Duşmasa eý**
**Goňşy nirde.**
**Ýok oňuşyk**
**Hiç bir ýerde.**

### AÝ WE MEN

**— Owadan Aý, sen**
**Gözel gül ýaly.**
**Ýüzüňde görýän**
**Gara tegmili.**

**Ýokuşan saňa**
**Nirede degip?**
**Düşseň Zemine**
**Başyňy egip,**

**Aý, süpüreýin,**
**Aýryp tegmili.**
**Uzadyp saňa**
**Men uzyn eli!**

**Aý gyzardy-da,**
**Bakdy uýalyp.**
**Gara tegmil-de**
**Gitdi ýok bolup.**

### BAÝGUŞUŇ UKUSY

**— Baýguş, uçman**
**Ýagty günde,**
**Uçýaň näme,**
**Gije tümde?**

**— Baý bolsaňam,**
**Düşýäň gorka.**
**Gije batyp**
**Bilmän uka!**

### ÝYLAN WE DIL

**Bir ýarasy**
**Bolsa ýylan,**
**Bitirýärmiş**
**Dili bilen.**

**Ol mydama**
**Ýalap-ýalap.**
**Ýöne menem**
**Nä ýaralap**

**Goýberdi-le**
**Dostum Mele.**
**Paýyş sözläp**
**Dili bile.**

**Otyryn men,**
**Pikir edip.**
**Dil ýarasy**
**Biter nädip?!**

### GALAM WE MEN

**Eh, galamym,**
**Nirde, nirde.**
**Tapman ýatyr**
**Haýsy ýerde?**

**Gahar bile**
**Gözläp-gözläp.**
**Aýlanýan çar**
**Ýana yzlap.**

**Gygyrýaryn**
**Jigim Mänä:**
**— Alan dälsiň**
**Ahyr sen-ä?!**

**— Ýok, alamok! —**
**Diýýär aglap.**
**Pişijigem**
**Geldi mawlap.**

**— Seňki näme,**
**Git, pişigim!**
**Mawlap durma,**
**Ýit, pişigim!**

**Görsem, galam**
**Bar öňümde.**
**Stolumda,**
**Dur öňümde.**

**Başlar galam,**
**Ýazyp haty:**
**«Etmegin hiç**
**Gahar gaty.**

**Gahar goşa**
**Gözüň gapyp,**
**Bilmersiň hiç**
**Zady tapyp!».**

### YNANJAŇ MÖJEK

**Nä salýarlar**
**Maňa aldaw.**
**Bermä derek,**
**Kömek, goldaw.**

**Ýagly eti**
**Bolup iýjek,**
**Men gapana**
**Düşen möjek.**

**Ah, ynanyp,**
**Her bir söze.**
**Görünmedi**
**Gapan göze!**

**Pikir edýär,**
**Möjek ilki.**
**— Eger dostuň**
**Bolsa tilki,**

**Bil, ýogsa-da,**
**Aldaw salar.**
**Bar zat dosta**
**Görä bolar! —**

**Diýip sesi**
**Etdi gapan.**
**Has-da gaty**
**Tutdy gapan.**

### SAGAT

**Ol sagadyň**
**Iki dili**
**Göýä onuň**
**Iki eli.**

**Iki eli**
**Bile alyp,**
**Barýar wagty**
**Öňe salyp.**

### BÄGÜL WE INJIR

**Owadan bägül**
**Göz-gaşy kakyp,**
**Injire sary**
**Gompardy bakyp.**

**— Eý, injir, sen-ä,**
**Güli açaňok.**
**Meniň deý hoşboý**
**Ysy saçaňok!**

**— Sen, gözel bägül,**
**Açsaň-da güli,**
**Bereňok miwe**
**Hiç meniň ýaly! —**

**Diýdi injir-de,**
**Ýuwaş ses edip.**
**Gözel bägüle**
**Sary esedip.**

### KITAPHON TILKI

**Mekir tilkiniň**
**Elinde kitap.**
**Ol açdy sözi,**
**Erteki okap.**

**— Men hiç ertekä**
**Ynanman gaty.**
**Edýändir aýan**
**Ol hakykaty!**

**Azat RAHMANOW.**

## ÝAŞAMALYKDAN ÝADYRGAN

**(HEKAÝA)**



Redaksiýada korrektor — harp düzediji bolup işläp ýörenime indi tas on bäş ýyl dagy boluberipdir. Wagtyň salymy ýok, eýläňe-beýläňe öwrülip-öwrülmänkäň, aýlar aýlanyp, ýyllar tegelenip dur. Ýogsa işe gelenim düýn ýalydy. Oňa şeýle bir öwrenişipdirin welin, bir sahypa on gezek düzedilse-de, ýadamanýaltanman, gaýtadan okap oturandyryn. Munuň sebäbem işimi juda söýýänligim. Garalamalar, aklamalar, düzedişler, deňeşdirmeler... garaz, şu zatlar bilen başagaý bolup ýörşüme, wagtyň nädip geçýäninem bilemok. Muňa-da şükür. Käbirlerini göreniňde-hä: «Şu bendäniň durmuşda, heý, başaryp bilýän zady beri barmyka?» diýdirýär. Olar ne-hä öz ýalňyşyny düzedip bilýärler, ne-de özgeleriň düzedenine baha berip... Goşgy diýip ýazan zadyny okaýsaň dagy, dodagyňy dişläp, başyňy ýaýkap oturybermeli. Ne many bar, ne-de mazmun. Onsoň beýleki habarçylardyr bölüm redaktorlara-da onuň ýazan zadyny okap, düzetmek iş bolýar. Ýogsa oňa: «Goşgy ýaz» diýlip tabşyrygam berlenok. Göwnüme bolmasa, ol biziň — kärdeşleriniň kellesini mazaly agyrtmak, galanja garaja saçlarynam agartmak üçin ýazýan ýaly. Sen onuň ýazan zadyny okap, derňäp, ölçäp, düzedip otyrmyň ýa ähli yhlasyňy, ylhamyňy bir ýere jemläp, gaýtadan ýazyp otyrmyň, oňa-ha bildirýän ýeri ýok, hatda piňine-de däl. Hamana diýersiň, her gezek beýik bir sungat eserini döreden däldirin öýdenok. Iş otagyna okyjylaryň biri ýalňyşyp dagy jaň edäýse, derrew telefony galdyryp: «Men şahyr Tyllamerjen Tyllaýewna» diýip, entek aňyrdaky söze başlap-başlamanka özüni tanatjak bolup, ber-başagaýdyr. Günüňe ýanaýyn, şeýdip özüňi mazamlamak nämä gerek diýsene!

Wah, baryndan beter janymyň ýanýan ýerem edebi işgärleriň ählisiniň goşgusyna girizen düzedişlerini iň soňunda men okap, barlamaly, deňeşdirmeli bolýan. Setiriň üstünden ýazylan setirleri, goşulan jümleleri ýerbe-ýer goýjak bolup, baý, kösenmek kösenýändirin-ä. Käwagtam oturyp, gaharym gelýär. Iň bärkisi, Kerim şahyryň: «Şahyr, şahyrlygyň çyn bolýan bolsa...» diýşi ýaly, goşgusynyň bogun sanyny bir laýyklap ýazaýmaly welin, olam däl.

Bir gezek haýsydyr bir baýramçylyk hakynda: «Goşgy ýaz, aýdym edip aýdarym ýaly» diýip, aýdyma ýaňy başlan höwesjeň aýdymçylaryň biri jaň edipdir welin, şol gün: «Muşdaklarym ýörite jaň edip, goşgy ýazyp bermegimi haýyş etdiler» diýip, ýere-göge sygmady. Arkan gaýşyp barşyna, ýeňsesi ýere degäýjek boldy. Ynha, şol goşgy hem çap edilmek üçin ýene meniň öňüme geldi. Oňa girizilen düzedişleri bir görsediňiz. Dogrusyny aýtsam-a, şol gezek edebi işgärlerimize nebsimem agyrdy. Gowşak goşgy ýazandyryn öýdenden geçen, gaýta: «Hany, okap bolduňyzmy? Düzetdiňizemmi? Waý, bü-ýä bolaýypdyr. Aslynda, menem şu ýerini şeýdip düzetjekdim, ýöne hökman ýetişdirmeli bolamsoň, howlugaýdym-da» diýip, bir eýläk geçýär, bir beýläk. Özüm-ä şunuň ýaly gowşak goşgy ýazanymdan ukybyma görä başarýan işimi etjek-de, ýazman oňaýjak.

Gepiň gysgasy, şol gezek goşguda bir-ä awtoryň, birem goşgyň ady galdy. Şeýdip, illäp-günläp diýen ýaly, şol «ajaýyp eseriň» galan ýerini tutuş edebi işgärler ýazdy diýsem, öte geçmerin. Onuň öz-ä muňa bireýýäm öwrenişip gidipdir. Başga biri bolanda: «Goşgyma düzediş girizmänkäňiz, awtor hökmünde meniň bilenem bir maslahatlaşaýsaňyz» diýerdi. Bu bolsa, tersine, eýtjek-beýtjek, goşgusyny beýlekilere düzetdirip, il gözüne ýazýandan boljak.

Daýhançylykda şu ýyl bir ýere gawun ekseň, indiki ýyl edil gawuna meňzäp, türşek gögerip çykýar. Köplenç, gawun ekilen atyzlarda ýekeleme, otag işleri geçirilende oňa gawundyr öýdüp aldanýanlaram bolaýýar. Şondan soň türşek gülläp, pazyllaryny ýaýradyp, şeýle bir ösýär welin, özüni gawundan kem däldirin öýtmeýär. Biziň bu kärdeşimizem edil şol türşek mysaly ýasama.

Arada «Işe» diýip awtobusa münüp, rahatja otyrdym. Sürüji radionyň sesini açdy. Bir aýdym aýdylansoň, alypbaryjynyň: «Mähriban radiodiňleýjiler, indi bolsa size döwürdeş şahyrlarymyzyň goşgularyndan eşitdirýäris!» diýen mylaýym sesi eşidildi. Birnäçe şahyrlaryň goşgusy ýaňlandy. Ahyrynda-da şo-ol edebi işgärlerimiz bilen üýşüp sana goşan goşgymyz okaldy. Öňümdäki hatarda oturanlaryň biri: «Gy-ýuw, sürüji, radioň sesini gatyrak aç! Meniň goşgymy okaýarlar» diýip, bokurdagyna sygdygyndan gygyrdy. Tanyş sese tisginip gitdim. Seretsem, hakyt, şol-da. Hemmeleriň ünsi onda jemlendi. Ol bolsa: «Men şahyr» diýip, ähli ýolagçylary özi bilen tanyşdyryp, daş-töweregindäkilere birenaýy ýylgyryp seretdi. Göwnüme bolmasa, şol wagt ol awtobusdaky ýolagçylar özüne el çarpyşarlar öýtdi. Emma hiç kimden sesseda çykmady. Goşgusy şowhun bilen garşylanmansoň, ýüzüne urlan ýaly bolup oturdy. Tersine, men müýnli ýaly, utanjymdan oturgyjym bilen bile ýere giräýjek boldum. Ilkinji gezek köpçülikde onuň ýasamalygyndan ýadyrgadym. Sebäbi şol goşgynyň nähili düzedilip, neneňsi kynlyk bilen köpçülige ýetirilişini şu awtobusda menden başga bilýän ýokdy...

**Aýnabat ATAÝEWA.**


**«Türkmenistan» awiakompaniýasy» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti dalaşgärleri öňünden saýlap-seçmek arkaly, Türkiýe Respublikasynyň Awiasiýa birleşiginiň uniwersitetine uçarman hünäri boýunça 4 ýyllyk okuwlara kabul edişlik yglan edýär**

**Dalaşgärleri saýlap almagyň tertibi:**

1. Okuwa Türkmenistanyň raýaty bolan, saglyk ýagdaýy «Türkmenhowaýollary» agentliginiň Lukmançylyk merkeziniň uçarmanlara bildirilýän (ICAO) talaplaryna laýyk gelýän, umumy orta bilimden pes bolmadyk bilimli, ýaşy 25-den geçmedik oglanlar (harby şahadatnamasy bolan) giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

2. Okuw «Türkmenistan» awiakompaniýasy» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň başlangyç söhbetdeşliginden, Türkiýe Respublikasynyň Awiasiýa birleşiginiň uniwersitetiniň wekilleriniň söhbetdeşliginden (synag) we Ankara şäherindäki lukmançylyk toparlarynyň barlaglaryndan soň başlanýar.

**Okuwyň möhleti 4 ýyl.**

Resmi iş kagyzlary Aşgabat şäherinde şu ýylyň 15-nji iýulyna çenli kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);
— şahsy pasporty (asyl we göçürme nusgasy);
— harby şahadatnamasy (asyl we göçürme nusgasy);
— umumy orta, orta hünär we ýokary bilim barada resminama (asyl we göçürme nusgasy);
— «Türkmenhowaýollary» agentliginiň Lukmançylyk merkezi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;
— narkologik hem-de psihonewrologik dispanserlerden güwähat;
— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;
— 3x4 sm ölçegde 8 sany fotosurat;
— zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;
— mekdep okuwçylarynyň dersler boýunça döwlet bäsleşiginiň, şeýle hem umumybilim dersleri boýunça halkara bäsleşikleriň ýeňijileri, şu ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň nusgasyny tabşyrýarlar.

Nädogry berlen maglumatlar we resmi-iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

Giriş synaglary iňlis dili (iňlis dilinde geplesip, ýazyp, okap bilmek), matematika we fizika (bu dersler boýunça goşmaça geçilen okuwlaryň şahadatnamalary makullanýar) derslerinden geçirilýär. Beýleki daşary ýurt dil bilimi makullanýar.

Giriş synaglary şu ýylyň 21-nji iýuly — 10-njy awgusty aralygynda Aşgabat şäherinde, «Türkmenhowaýollary» agentliginiň Howa ulaglarynyň işgärlerini taýýarlaýan mekdebinde geçirilýär.

Bellik: Ähli synaglardan geçen dalaşgärler bilen daşary ýurt döwletleriniň ýokary okuw mekdeplerinde okamak barada üçtaraplaýyn (awiakompaniýa, talyp we zamunçy) şertnama baglaşylýar. Şertnama laýyklykda, talyp ýokary okuw mekdebini üstünlikli tamamlap, işe başlandan soň, okan hünäri boýunça awiakompaniýada 10 ýyl işläp bermäge borçlanýar. Okuw üçin tölegler awiakompaniýanyň hasabyna alnyp barylýar. Okuwdan daşary (wizany resmileşdirmek, saglyk ätiýaçlandyryş, günlük iýmit, kommunikasiýa, şeýle hem okuw döwründe ýol harajatlary) çykdajylar dalaşgäriň hasabynadyr.

**Resminamalar şu salgy boýunça kabul edilýär:**
**Aşgabat şäheri, A.Annaýew köçesi, «Türkmenistan» awiakompaniýasy» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti.**
**Telefon belgileri: 23-47-88, 23-02-61.**



ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

BAŞ REDAKTOR ARTYKGULY HOJABERDIÝEW

NESIL

TELEFONLAR: JOGAPKÄR KÄTIP – 39-96-49. KABULHANA – 38-61-57, 38-61-86 (FAKS), BÖLÜMLER: 39-95-26, 39-96-35, 39-96-36, 39-96-37.
BIZIŇ SALGYMYZ: 744604, Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100, TÜRKMENBAŞYNYŇ ERKIN DÖREDIJILIK MEKANY. «Nesil» gazetiniň redaksiýasy. Belgisi 69454.
GAZETIŇ DÖREDILEN SENESI: 02.01.1992 ý. Gazet sişenbe hem şenbe günleri çykýar. Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär.
Nusgasy 12.000. A – 116484. Möçberi 4 sahypa. Bahasy 30 teňňe. Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy.
Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Olaryň telefony – 39-95-36.
Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.



E-mail: nesil-gazeti@sanly.tm


